# Çopan ody

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Çopan ody

ÇOPAN ODY

Garañky gatlyşdy çölüñ üstünde;
Tümlük gaplap aldy töwerek-daşy.
Uzaklarda ýylpyldaýan çyra deý
Alysdan göründi çopanyñ goşy.

Ekinlere goýlan garantga ýaly,
Sazaklar tümlükde bolup dur çelgi.
Alysdan görünýän şol çopan ody
Ýöremeli ýolum berip dur salgy.

Aýagmyñ astynda arassa çäge,
Hem gelýär otlaryñ ýakymly ysy.
Maña gurbat berýär ýalkymly howa,
Hem jenneti çölüñ täsin dünýäsi.

Barýan,
            janly-jandar gaçýar hasyrdap,
Haçan ýetjegme-de ýok meniñ çenim.
Gidip barýan jigerime jan edip,
Garañkyda galan bölegne Günüñ.

Alyslardan görünýän şol ýylpyldy,
Meniñ üçin eziz boldy tüm wagty.
Göýä şol "çyrajyk" töwerege däl,
Meniñ ýüregime salýardy ýagty.

Ak süýt çogup, dañ agaryp başlady,
Añdyryp durmuşyñ oýanýan wagtyn.
Şol ot deýin ykbalyma ýetirsin,
Ynsan ýüregume nur çaýmak bagtyn.

▶ BALYKLAR HEM GUŞLAR

Dünýä suwnuñ balygy
Suw içiniñ läligi.
Näme üçin bolanok
Al asmanyñ şalygy.

Iýmän, içmän gezip ýör,
Ýüzüp ýör suw içinde.
Ýüreklerin ezip ýör,
Panynyñ bu göçünde.

Watanlymy bu guşlar,
Watansyzmy bu guşlar.
Ondan, oña göçüp ýör,
Göýä, gadym derwüşler.

Ýaşañ ahyr akylly,
Ýaşañ ýaşan şekilli.
Topragmyzyñ üstüne,
Dürli-dümen döküldi.

Näme iýseñ tapylýar,
Näme diýseñ tapylýar,
Sizi arkaýyn görýän,
Il-ä şoña topulýar.

Guşlar uly suwlaryñ,
Gatlaryn açyp ýörse.
Balygam ganatlanyp,
Suwlardan gaçyp ýörse.

Geñ-ä bolar, balyklar,
Asmanda uçup ýörse.
Guşlañ ganaty gyrlyp,
Suwlary guçup ýörse.

Ýok-la ussat tebigat,
Baryn goýdy ýerbe-ýer.

Nurana tebigatyñ
Gurnalşy juda ýeser.

Balyklañky suw bilen,
Toprak örki guşlaryñ.
Ählisi şu tebigat
Bary garyndaşlaryñ.

Guşlar uçgun baglara,
Seýil etsin daglara.
Gözün çüýjerdip balyk,
Suwda eýlesin şalyk.

Bilýär eken tebigat,
Öñküligi ~ ylaýyk.
Ýazan bu goşgym üçin
Bagyşlawer, halaýyk.

Goşgular